Türkmenistanyň Sport we
ýaşlar syýasaty ministrliginiň
2021-nji ýylyň 28-nji aprelindäki
__95-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

# Türkmenistanda sport atlaryny dakmagyň we sport razrýadlaryny bermegiň Tertibi

## I. Umumy düzgünler

1.1. Şu Tertip, Türkmenistanda sportuň görnüşleri boýunça sport atlaryny dakmagyň we sport razrýadlaryny bermegiň düzgünini (mundan beýläk – Düzgün) kesgitleýär. "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 46-njy maddasynyň 4-nji we 5-nji böleklerine laýyklykda, sport atlaryny dakmagyň we sport razrýadlaryny bermegiň (mahrum etmegiň, dikeltmegiň) tertibi we şertleri, sport ady, döşe dakylýan nyşanlar we hünär dereje depderçeleri hakyndaky şahadatnamalary hasaba almagyň we bermegiň tertibi, şeýle hem sport ady we hünär dereje depderçesi hakynda şahadatnamanyň görnüşleri, döşe dakylýan nyşanlaryň beýany we şekili bedenterbiýe we sport babatda ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanylýan Türkmenistanyň ýeke-täk sport klassifikasiýasy bilen bellenilýär we Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň (mundan beýläk - ministrlik) buýrugy esasynda berilýär.

1.2.Türkmenistanda sport babatda görnükli hyzmatlary üçin Türkmenistanda ykrar edilen sportuň görnüşleri boýunça aşakdaky atlar dakylýar:

1. "Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady";
2. "Türkmenistanyň sport ussady";
3. "Bedenterbiýäniň we sportuň göreldesi".

Türkmenistanda şu aşakdaky sport razrýadlary berilýär:

1. "Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär";
2. I sport razrýady;
3. II sport razrýady;
4. III sport razrýady;
5. I ýetginjekler sport razrýady;
6. II ýetginjekler sport razrýady;
7. III ýetginjekler sport razrýady.

## II.Türkmenistanyň ýeke-täk sport klassifikasiýasy bilen bellenilýän sport atlaryny dakmagyň we sport razrýadlaryny bermegiň (mahrum etmegiň, dikletmegiň) tertibi we şertleri

2.1. Sport ýaryşlarynda ýeňiji bolan türgenlere aşakdaky ýagdaýlarda sportuň görnüşleri boýunça sport atlary dakylýar we sport razrýadlary berilýär:

1.Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň pudaga gözegçilik edýän Orunbasary bilen ylalaşylan, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň "Umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyna" girizilen resmi ýaryşlarynda, sportuň görnüşleri boýunça klassifikasiýanyň talaplary ýerine ýetirilen ýagdaýynda.

2. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde hasaba alnan we ygtyýarlandyryş şahadatnama berlen, sportuň görnüşi boýunça federasiýalary bolan ýagdaýynda.

3.Sportuň görnüşi boýunça ýurdumyzyň çempionatyny, birinjiligini, kubogyny almak ugrundaky ýaryşlaryny geçirip, welaýatlaryň birnäçe toparlary gatnaşan ýagdaýynda.

4.Türgenlere sportuň görnüşleri boýunça "Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady", "Türkmenistanyň sport ussady" atlary, "Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär" razrýady **16** ýaşa (sportuň gimnastika görnüşinde 13 ýaşa) ýeten ýagdaýynda. (**Bellik:** Ýörite ýokary bilimli tälimçi-mugallymlaryň ýetmezçilik eden ýagdaýynda, ýokarda bellenilen atly we razrýadly türgenlere **18** ýaşy dolan ýagdaýynda, ugurlary boýunça tälimçi-mugallym bolup **işlemäge hukuk berilýär).**

5. "Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady" diýen at halkara ýaryşlaryň ýeňijilerine, sportuň görnüşleri boýunça Halkara federasiýalaryň tassyklaýjy resminamalary esasynda we ol ýaryşa (agram derejesinde, toparynda üç duşuşygy ýeňen) azyndan 6 döwletiň toparlarynyň (türgenleriniň) gatnaşan ýagdaýynda.

6. "Türkmenistanyň sport ussady" diýen at halkara ýaryşlaryň, ýurdumyzyň çempionatynyň, birinjiliginiň, kubogyny almak ugrundaky ýaryşlaryň ýeňijilerine hem-de ol bäsleşiklerde welaýatlaryň toparlarynyň gatnaşan, şeýle hem agram derejesinde, oýun görnüşlerde toparyň düzüminde üç (tutluşygy) duşuşygy ýeňen ýagdaýynda.

7. "Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär" sport razrýady halkara ýaryşlaryň, ýurdumyzyň çempionatynyň, birinjiliginiň, kubogyny almak ugrundaky ýaryşlaryň ýeňijilerine hem-de ol bäsleşiklerde welaýatlaryň toparlarynyň gatnaşan, şeýle hem agram derejesinde we oýun görnüşlerde toparyň düzüminde üç (tutluşygy) duşuşygy ýeňen ýagdaýynda.

8. I sport razrýady ýurdumyzyň çempionatynyň, birinjiliginiň, kubogyny almak ugrundaky ýaryşlaryň ýeňijilerine hem-de ol bäsleşiklerde welaýatlaryň toparlarynyň gatnaşan, şeýle hem agram derejesinde we oýun görnüşlerde toparyň düzüminde üç (tutluşygy) duşuşygy ýeňen ýagdaýynda.

9. II - III sport razrýadlary hem-de I - II - III ýetginjekler sport razrýadlary Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň, etraplaryň çempionatynyň, birinjiliginiň, kubogyny almak ugrundaky ýaryşlaryň ýeňijilerine berilýär.

2.2. Türgenlere sportuň görnüşleri boýunça sport atlar we sport razrýadlar şu Tertibiň 4-nji bendinde görkezilen ýaş tapawudynyň yzygiderligi boýunça dakylýar hem-de berilýär.

2.3. "Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady", "Türkmenistanyň sport ussady" sport atlary we "Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär" sport razrýady, şeýle hem "Bedenterbiýäniň we sportuň göreldesi" diýen at welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirlikleriniň ýanynda döredilen toparyň mejlislerinde seredilip, resminamalar talaba laýyk bolan ýagdaýynda, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligine ýollanylýar.

Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirlikleriniň ýolbaşçylary Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň toparyna Türkmenistanyň ýeke-täk sport klassifikasiýasynyň talaplaryny ýerine ýetiren türgenleriň resminamalarynyň dogry we talaba laýyk doldurylmagyna hem-de onuň kanuna laýyklygyna şahsy jogapkärçiligini çekýärler.

Türkmenistanyň sportuň görnüşleri boýunça federasiýalary (merkezleri) türgenlere, tälimçilere, bedenterbiýe we sport ugrunda zähmet çekýän hünärmenlere sport atlaryny dakmak hem-de türgenlere sport razrýadlaryny bermek, şeýle hem sport eminlerine hünär derejelerini bermek babatda resminamalary bedenterbiýe we sport babatda ygtyýarly döwlet edarasyna hödürläp bilýärler. Sportuň görnüşleri boýunça klassifikasion talaplaryny ýerine ýetiren türgenleriň tälimçileri sport mekdepleriň administrasiýasy bilen bilelikde, şu Tertibe laýyklykda resminamalary taýýarlap, degişliligi boýunça welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliklerine hödürleýärler. Welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirlikleri hödürlenen resminamalary seljerip, takyk bolan ýagdaýynda, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligine hödürleýärler (1-nji goşundy). Talaba laýyk tabşyrylmadyk we möhletinden geçen resminamalara seredilmeýär. Sportuň görnüşleri boýunça sport atlary dakmak we sport razrýadlary bermek üçin türgeniň soňky 4 (dört) ýylda gazanan netijeleri baradaky resminamalary kabul edilýär.

2.4. “Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady”, “Türkmenistanyň sport ussady”, “Bedenterbiýäniň we sportuň göreldesi” sport atlary hem-de “Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär” sport razrýady Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi tarapyndan dakylýar we berilýär. Türgenlere sport atlaryny dakmak we sport razrýadyny bermek barada karar kabul edilýär hem-de Ministrlik tarapyndan buýruk çykarylýar.

2.5. Türgenlere I sport razrýady welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirlikleri, II we III sport razrýadlary, şeýle hem I, II we III ýetginjekler sport razrýadlary bedenterbiýe we sport guramalary tarapyndan berilýär hem-de degişliligi barada buýruk çykarylýar.

2.6. “Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady”, “Türkmenistanyň sport ussady”, “Bedenterbiýäniň we sportuň göreldesi” sport atlary dakylan hem-de “Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär” sport razrýady, I - II - III sport razrýadlary hem-de I - II - III ýetginjekler sport razrýadlary berilen türgenlere döşe dakylýan nyşan hem-de şahadatnama gowşurylýar, şeýle hem türgeniň hünär depderçesinde hasaba alynýar.

2.7. Dürli derejeli halkara we Türkmenistanyň çäginde geçirilýän sport ýaryşlarynda, okuw-türgenleşik sapaklarynda türgen sportuň görnüşleri boýunça ýaryşyň we dopinge garşy düzgünleri, halkara sport guramalary tarapyndan tassyklanan kadalary we talaplary bozan ýagdaýynda, Türkmenistanyň sportuň görnüşleri boýunça federasiýalaryň (merkezleriň), welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirlikleriniň hödürnamasy esasynda Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi tarapyndan berlen hormatly atlaryndan hem-de sport razrýadlaryndan mahrum edilýär.

Türgenleri sport atlaryndan we sport razrýadyndan mahrum etmek barada karar kabul edilýär hem-de Ministrlik tarapyndan buýruk çykarylýar.

2.8. Türkmenistanyň çäginde geçirilýän dürli derejeli sport ýaryşlarynda türgenlere mahsus bolmadyk hereketleri eden, şeýle hem yaryşyň guramaçylarynyň, eminleriniň, kätipleriniň, tomaşaçylarynyň salgysyna paýyş sözleri ulanan türgenler, Türkmenistanyň sportuň görnüşleri boýunça federasiýalaryň (merkezleriň), welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirlikleriniň hödürnamalary esasynda Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi tarapyndan berlen hormatly atlaryndan hem-de sport razrýadlaryndan wagtlaýyn mahrum edilýär.

Türgenleri sport atlaryndan we sport razrýadlaryndan wagtlaýyn mahrum etmek barada karar kabul edilýär hem-de degişliligi boýunça sport babatda ygtyýarly edara tarapyndan buýruk çykarylýar.

2.9. Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň çäginde geçirilýän dürli derejeli sport ýaryşlarynda türgenlere mahsus bolmadyk hereketleri eden, şeýle hem yaryşyň guramaçylarynyň, eminleriniň, kätipleriniň, tomaşaçylarynyň salgysyna paýyş sözleri ulanan türgenler Türkmenistanyň sportuň görnüşleri boýunça federasiýalaryň (merkezleriň), bedenterbiýe we sport guramalaryň hödürnamalary esasynda degişliligi boýunça sport babatda ygtyýarly gurama tarapyndan I - II - III sport razrýadlaryndan hem-de I - II - III ýetginjekler sport razrýadlaryndan wagtlaýyn mahrum edilýär.

Türgenleri sport razrýadlaryndan wagtlaýyn mahrum etmek barada karar kabul edilýär hem-de degişliligi boýunça sport babatda ygtyýarly edara tarapyndan buýruk çykarylýar.

3.0. Sport atlaryndan we sport razrýadlaryndan wagtlaýyn mahrum edilen türgenler şu Düzgünnama laýyklykda, şol sport atlaryny dakan we sport razrýadlaryny beren bedenterbiýe we sport babatda degişliligi boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan gaýtadan dikeldilýär. Şunuň bilen baglylykda karar kabul edilýär hem-de degişliligi boýunça sport babatda ygtyýarly edara tarapyndan buýruk çykarylýar.

3.1. Sport atlaryndan we sport razrýadlaryndan wagtlaýyn mahrum edilen, şeýle hem gaýtadan dikeldilen türgenler hakynda maglumatlar türgenleriň hünär dereje depderçelerine girizilýär.

3.2. **“Bedenterbiýäniň we sportuň göreldesi”** diýen ady sportda iş stažy azyndan 15 (on bäş) ýyl bolan, bedenterbiýäni we sporty köpçülikleýin ösdürmekde we usuly-guramaçylyk işlerine aýratyn goşant goşan we bu ugurdan usuly gollanmalary taýýarlan işgärlere dakylýar.

## III. Sport atlarynyň we sport razrýadlarynyň döşe dakylýan nyşanlarynyň beýany

3.1. “TÜRKMENISTANYŇ HALKARA DEREJELI SPORT USSADY” döşe dakylýan nyşan diametri 25 mm ölçegde tegelek bolup, bir bölekden ybarat. Tegelek ak reňkli bolup, ýokarky böleginde güberçek görnüşli “TÜRKMENISTANYŇ HALKARA DEREJELI SPORT USSADY” diýlen ýazgy şekillendirilýär. Ortaky böleginde Türkmen sportunyň şekili (Älemgoşar reňkde aýyň içinde türkmen bedewiniň çeper keşbi, onuň aşaky ýüzünde “Türkmen Sporty” diýen ýazgy hem-de bedew keşbiniň arka ýüzünde 5 yklymy aňladýan sekiz burçluklar) ýerleşdirilýär.
Döşe dakylýan nyşan kümüş reňkli ýalpyldawuk örtgi bilen latundan edilip, şondan soň ol sintetiki emallar bilen syrçalanýar.
Nyşan tsanga görnüşli enjam bilen egin-eşige dakylýar.

3.2. “TÜRKMENISTANYŇ SPORT USSADY” döşe dakylýan nyşan diametri 25 mm ölçegde tegelek bolup, bir bölekden ybarat. Tegelek ak reňkli bolup, ýokarky böleginde güberçek görnüşli “TÜRKMENISTANYŇ SPORT USSADY” diýlen ýazgy şekillendirilýär. Ortaky böleginde Türkmen sportunyň şekili ( Älemgoşar reňkde aýyň içinde türkmen bedewiniň çeper keşbi, onuň aşaky ýüzünde “Türkmen Sporty” diýen ýazgy hem-de bedew keşbiniň arka ýüzünde 5 yklymy aňladýan sekiz burçluklar) ýerleşdirilýär.
Döşe dakylýan nyşan kümüş reňkli ýalpyldawuk örtgi bilen latundan edilip, şondan soň ol sintetiki emallar bilen syrçalanýar.
Nyşan tsanga görnüşli enjam bilen egin-eşige dakylýar.

3.3. “BEDENTERBIÝÄNIŇ WE SPORTUŇ GÖRELDESI” döşe dakylýan nyşan diametri 25 mm ölçegde tegelek bolup, bir bölekden ybarat. Tegelek ak reňkli bolup, ýokarky böleginde güberçek görnüşli “BEDENTERBIÝÄNIŇ WE SPORTUŇ GÖRELDESI” diýlen ýazgy şekillendirilýär. Ortaky böleginde Türkmen sportunyň şekili ( Älemgoşar reňkde aýyň içinde türkmen bedewiniň çeper keşbi, onuň aşaky ýüzünde “Türkmen Sporty” diýen ýazgy hem-de bedew keşbiniň arka ýüzünde 5 yklymy aňladýan sekiz burçluklar) ýerleşdirilýär.
Döşe dakylýan nyşan kümüş reňkli ýalpyldawuk örtgi bilen latundan edilip, şondan soň ol sintetiki emallar bilen syrçalanýar.
Nyşan tsanga görnüşli enjam bilen egin-eşige dakylýar.

3.4. “TÜRKMENISTANYŇ SPORT USSATLYGYNA DALAŞGÄR” döşe dakylýan nyşan diametri 25 mm ölçegde tegelek bolup, bir bölekden ybarat. Tegelek ak reňkli bolup, ýokarky böleginde güberçek görnüşli “TÜRKMENISTANYŇ SPORT USSATLYGYNA DALAŞGÄR” diýlen ýazgy şekillendirilýär. Ortaky böleginde Türkmen sportunyň şekili ( Älemgoşar reňkde aýyň içinde türkmen bedewiniň çeper keşbi, onuň aşaky ýüzünde “Türkmen Sporty” diýen ýazgy hem-de bedew keşbiniň arka ýüzünde 5 yklymy aňladýan sekiz burçluklar) ýerleşdirilýär.
Döşe dakylýan nyşan kümüş reňkli ýalpyldawuk örtgi bilen latundan edilip, şondan soň ol sintetiki emallar bilen syrçalanýar.
Nyşan tsanga görnüşli enjam bilen egin-eşige dakylýar.

3.5. I sport razrýady, II sport razrýady we III sport razrýady döşe dakylýan nyşan diametri 25 mm ölçegde tegelek bolup, iki bölekden ybarat. Tegelegiň birinji bölegi

ýaşyl reňkli bolup, onuň ýokarky böleginde güberçek görnüşli sportuň görnüşleri şekillendirilen, aşaky böleginde “RAZRÝAD” diýlen ýazgy ýerleşdirilýär. Ikinji bölegi ak reňkli bolup, onda derejesine görä I , II ýa-da III rim sany ýerleşdirilýär.

Döşe dakylýan nyşan kümüş reňkli ýalpyldawuk örtgi bilen latundan edilip, şondan soň ol sintetiki emallar bilen syrçalanýar.

Nyşan tsanga görnüşli enjam bilen egin-eşige dakylýar.

3.6. I ýetginjekler sport razrýady, II ýetginjekler sport razrýady we III ýetginjekler sport razrýady döşe dakylýan nyşan diametri 25 mm ölçegde tegelek bolup, iki bölekden ybarat hem-de olar ýaşyl reňkli bolýar. Tegelegiň birinji bölegininň ýokarsynda güberçek görnüşli “ÝETGINJEKLER RAZRÝADY” diýen ýazgy ýerleşdirilýär, aşaky böleginde derejesine görä I , II ýa-da III rim sany ýazylýar. Ikinji böleginde sportuň görnüşi şekillendirilýär.

Döşe dakylýan nyşan kümüş reňkli ýalpyldawuk örtgi bilen latundan edilip, şondan soň ol sintetiki emallar bilen syrçalanýar.

Nyşan tsanga görnüşli enjam bilen egin-eşige dakylýar.

3.7. Degişli sport atlarynyň we sport razrýadlarynyň şahadatnamasy ýitirilen ýa-da oňa zeper ýetirilen halatynda, olaryň nusgasy (dublikaty) berilýär.

Sport atlarynyň we sport razrýadlarynyň döşe dakylýan nyşanynyň nusgasy (dublikaty) berilmeýär.

Türkmenistanyň Sport we
ýaşlar syýasaty ministrliginiň
2021-nji ýylyň 28-nji aprelindäki
__95-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

Türkmenistanyň
ýeke-täk sport klassifikasiýasynyň
Tertibiniň 1-nji goşundysy

**Türkmenistanda sport atlaryny dakmak we sport razrýadlaryny bermek üçin hödürlenilýän resmi kagyzlarynyň**

**SANAWY**

1. Atlary dakmak we sport razrýadlaryny bermek üçin Sport we ýaşlar syýasaty Baş müdürlikleri, beýleki sport guramalary tarapyndan tassyklanan hödürnamalar, “Bedenterbiýäniň we sportuň göreldesi” diýen at üçin goşmaça bilim edarasy tarapyndan tassyklanan hem hödürnama.

2. Hödürnamada 3×4 ölçegli fotosurat – 1 (bir) sany.

3. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirlikleriniň ady agzalýan mesele boýunça Toparlaryň teswirnamalary.

4. Türgeniň passportynyň göçürme nusgasy.

5. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirlikleriniň resmi wekiliň goly we möhüri bilen tassyklanan öňki sport razrýadynyň berlendigi barada buýrugyň göçürme nusgasy.

6. Türgeniň kitapçasynyň göçürme nusgasy.

7. Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň Milli federasiýalary (merkezleri) tarapyndan türgeniň resmi ýaryşlaryna gatnaşandygy barada resmi wekiliň goly we möhüri bilen tassyklanan kepilnama.

8. Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň Milli federasiýalaryň ýolbaşçysynyň goly we möhüri bilen tassyklanyp berlen türgeniň resmi ýaryşlara gatnaşan teswirnamalarynyň (protokollarynyň), şol sanda daşary ýurt dillerinde bolan teswirnamalaryň terjime edilen görnüşiniň göçürme nusgalary.

Türkmenistanyň Sport we
ýaşlar syýasaty ministrliginiň
2021-nji ýylyň 28-nji aprelindäki
__95-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

# 2021-2024-nji ýyllaryň Olimpiýa döwri üçin Türkmenistanyň ýeke-täk sport Klassifikasiýasy

## Sportuň görnüşleri boýunça derejeleriň kadalary we talaplary

### Olimpiýa oýunlarynyň tomusky sport görnüşleri

### Agyr atletika

| | Ulular | | | | | | Ýetginjekler | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Agram derejeleri | HKSU | TSU | TSUD | I | II | III | I | II | III |
| 38 | | | | 95 | 82 | 70 | 62 | 55 | 47 |
| 41 | | | | 110 | 92 | 82 | 72,5 | 65 | 55 |
| 45 | | 175 | 145 | 125 | 105 | 97 | 85 | 75 | 65 |
| 49 | | 185 | 170 | 140 | 125 | 110 | 92 | 82 | 72 |
| 55 | 245 | 205 | 180 | 155 | 135 | 120 | 105 | 90 | 80 |
| 61 | 270 | 230 | 200 | 175 | 150 | 130 | 115 | 100 | 87 |
| 67 | 300 | 250 | 225 | 190 | 165 | 145 | 122 | 110 | 95 |
| 73 | 325 | 270 | 242 | 207 | 185 | 157 | 135 | 120 | 107 |
| 81 | 350 | 290 | 260 | 225 | 195 | 170 | 145 | 130 | 117 |
| 89 | 370 | 305 | 275 | 237 | 205 | 180 | 155 | 140 | 125 |
| 96 | 385 | 320 | 295 | 245 | 215 | 195 | 165 | 150 | 137 |
| 102 | 390 | 335 | 305 | 255 | 240 | 215 | 175 | 160 | 145 |
| 109 | 400 | 355 | 320 | 270 | 255 | 230 | 185 | 170 | 155 |
| +109 | 415 | 370 | 340 | 280 | 265 | 240 | 200 | 185 | 170 |

**ERKEKLER**

## THDSU (Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady)

-Olimpiýa oýunlary, Dünýä çempionatlary I-VIII orunlar;
-Aziýa oýunlary, Aziýa çempionatlary I-V orunlar;
-Ýaşlaryň arasyndaky Dünýä çempionatlary I-V orunlar;
-Ýaşlaryň arasyndaky Aziýa çempionatlary I-III orunlar;
-Ýetginjekleriň arasyndaky Olimpiýa oýunlary I-V orunlar;
-Ýetginjekleriň arasyndaky Dünýä çempionatlary I-IV orunlar;
-Ýetginjekleriň arasyndaky Aziýa çempionatlary I-III orunlar;
-Talyplaryň arasyndaky Dünýä çempionatlary
-Bütindünýä talyplar oýunlary (Uniwersiada) I-III orunlar.

**“Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady”** diýen at tablisada görkezilen agramlyklary diňe halkara ýaryşlarynda göterilen ýagdaýynda berilýär ýa-da tablisada görkezilen agramlyklary götermedik ýagdaýynda ýokardaky sanawda görkezilen ýaryşlarda bellenilen orunlary eýelän ýagdaýynda dakylýar.

**“Türkmenistanyň sport ussady” diýen at** welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda, birinjiliginde (ýetginjekler, ýaşlar, ulular arasygynda) ýaryşlara gatnaşyp, tablisada görkezilen agramlygy göterip 2 gezek baýrakly orny eýelän ýagdaýynda dakylýar.

**“Türkmenistanyň Sport ussatlygyna dalaşgär” diýen razrýad** welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda, birinjiliginde (ýetginjekler, ýaşlar, ulular aralygynda) ýaryşlara gatnaşyp, tablisada görkezilen agramlygy göterip 2 gezek baýrakly orny eýelän ýagdaýynda berilýär.

**“Türkmenistanyň Sport ussatlygyna dalaşgär” diýen razrýad** welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň kubogyny almak ugrundaky (ýetginjekler, ýaşlar, ulular aralygynda) ýaryşlara gatnaşyp, tablisada görkezilen agramlygy göterip, 2 gezek baýrakly orny eýelän ýagdaýynda berilýär.

**Aýal-gyzlar**

| | Ulular | | | | | | Ýetginjekler | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Agram derejeleri** | **THDSU** | **TSU** | **TSUD** | **I** | **II** | **III** | **I** | **II** | **III** |
| **34** | | | | **60** | **45** | **40** | **35** | **30** | **27** |
| **38** | | | | **70** | **55** | **50** | **45** | **40** | **35** |
| **41** | | | | **75** | **60** | **55** | **50** | **45** | **40** |
| **45** | **135** | **120** | **110** | **85** | **75** | **65** | **55** | **50** | **45** |
| **49** | **155** | **130** | **120** | **93** | **80** | **70** | **60** | **55** | **50** |
| **55** | **175** | **145** | **130** | **105** | **90** | **80** | **70** | **60** | **55** |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **59** | **190** | **160** | **140** | **115** | **100** | **90** | **80** | **70** | **65** |
| **64** | **205** | **170** | **150** | **130** | **110** | **100** | **90** | **80** | **70** |
| **71** | **218** | **185** | **160** | **140** | **130** | **115** | **100** | **90** | **80** |
| **76** | **230** | **202** | **170** | **150** | **140** | **130** | **115** | **100** | **90** |
| **81** | **242** | **220** | **190** | **160** | **150** | **140** | **125** | **105** | **95** |
| **87** | **255** | **230** | **205** | **170** | **160** | **150** | **135** | **115** | **100** |
| **+87** | **270** | **240** | **217** | **180** | **170** | **160** | **150** | **130** | **110** |

**THDSU (Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady)**

-Olimpiýa oýunlary, Dünýä çempionatlary I-VIII orunlar;
-Aziýa oýunlary, Aziýa çempionatlary I-V orunlar;
-Ýaşlaryň arasyndaky Dünýä çempionatlary I-V orunlar;
-Ýaşlaryň arasyndaky Aziýa çempionatlary I-III orunlar;
-Ýetginjekleriň arasyndaky Olimpiýa oýunlary I-V orunlar;
-Ýetginjekleriň arasyndaky Dünýä çempionatlary I-IV orunlar;
-Ýetginjekleriň arasyndaky Aziýa çempionatlary I-III orunlar;
-Talyplaryň arasyndaky Dünýä çempionatlary
- Bütindünýä talyplar oýunlary (Uniwersiada) I-III orunlar.

**“Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady” diýen at** tablisada görkezilen agramlyklary diňe halkara ýaryşlarynda göterilen ýagdaýynda berilýär ýa-da tablisada görkezilen agramlyklary götermedik ýagdaýynda ýokardaky sanawda görkezilen ýaryşlarda bellenilen orunlary eýeleýän ýagdaýynda dakylýar.

**“Türkmenistanyň sport ussady” diýen at** welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda, birinjiliginde (ýetginjekler, ýaşlar, ulular aralygynda) ýaryşlara gatnaşyp, tablisada görkezilen agramlygy göterip, 2 gezek baýrakly orny eýelän ýagdaýynda dakylýar.

**“Türkmenistanyň Sport ussatlygyna dalaşgär” diýen razrýad** welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda, birinjiliginde, (ýetginjekler, ýaşlar, ulular aralygynda) ýaryşlara gatnaşyp, tablisada görkezilen agramlygy göterip, 2 gezek baýrakly orny eýelän ýagdaýynda berilýär.

**“Türkmenistanyň Sport ussatlygyna dalaşgär” diýen razrýad** welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň kubogyny almak ugrundaky (ýetginjekler, ýaşlar, ulular aralygynda) ýaryşa gatnaşyp, tablisada görkezilen agramlygy göterip, 2 gezek baýrakly orny eýelän ýagdaýynda berilýär.

## Akademiki küreklemek

### Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady:

- Olimpiya oýunlarynda we Dünýä çempionatynda I – VIII orunlary,
- Aziýa çempionatynda I - V orunlary,
- Halkara ýaryşlara, geçen ýylyň netijesi boýunça Dünýä çempionatynyň 3 (üç) final oýunlaryna gatnaşan, Döwletleriň arasynda küreklemegiň degişli görnüşinde I – II orunlary,
- Ýetginjekleriň arasynda Dünýä çempionatynda I-II orunlary,
- "A" derejeli halkara ýaryşlarynda 5 (bäş) döwletiň gatnaşmagynda I-II orunlary,
- Bütindünýä Uniwersiadasynda I-II orunlary eýelemeli.

### Türkmenistanyň sport ussady:

- Halkara ýaryşlarynda 6 (alty) gaýygyň gatnaşmagynda I-II orunlary,
- Ýetginjekleriň arasynda Dünýä birinjiliginde küreklemegiň görnüşleriniň birinde I-II orunlary eýelemeli.
- Türkmenistanyň çempionatynda welaýatlaryň gatnaşmagynda jemleýji (final) küreklemeginde 6 (alty) gaýygyň gatnaşmagynda 2 gezek I orny eýelän türgene dakylýar.

### Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär:

- Ýetginjekleriň arasynda Dünýä birinjiliginde III-V orunlary,
- Halkara ýaryşlarynda 17 ýaşdan uly oglan-gyzlaryň arasynda III-V orunlary,
- Türkmenistanyň açyk çempionatynda 5 döwletiň gatnaşmagynda 2 gezek II orunlary; Türkmenistanyň çempionatynda 2 ýylyň dowamynda II orny,
- Türkmenistanyň birinjiliginde (ýaşlar, ýetginjikler) 2 gezek I-II orunlary eýelän türgene berilýär.

### I razrýad:

Ulularyň we ýetginjekleriň arasynda geçirilen welaýat we Aşgabat şäheriniň çempionatlary, birinjilikleri ugrundaky ýaryşlarda 6 (alty) gaýygyň we II razrýadly türgenlerden pes bolmadyk türgenleriň gatnaşmagynda I orny eýelän türgene berilýär.

### II razrýad:

Ulularyň we ýetginjekleriň arasynda geçirilen dürli möçberdäki ýaryşlarda 6 (alty) gaýygyň we III razrýadly türgenlerden pes bolmadyk türgenleriň gatnaşmagynda I orny eýelemeli.

### III razrýad:

Ulularyň we ýetginjekleriň arasynda geçirilen dürli möçberdäki ýaryşlarda 4 (dört) gaýygyň we III razrýadly türgenlerden pes bolmadyk türgenleriň gatnaşmagynda I orny eýelemeli.

**I ýetginjekler razrýady:**

Welaýatlaryñ, etraplaryň ýa-da Aşgabat şäheriniñ birinjiliginde 2 gezek 2 orny eýelemeli.

**II ýetginjekler razrýady:**

Welaýatlaryñ, etraplaryň ýa-da Aşgabat şäheriniñ sport mekdepleriniň resmi ýaryşlarynda 2 gezek I orny eýelemeli.

**III ýetginjekler razrýady:**

Welaýatlaryñ, etraplaryň ýa-da Aşgabat şäheriniñ sport mekdepleriniň resmi ýaryşlarynda 2 gezek 2 orny eýelemeli.

**Ugrukdyryjylar (rulewyýe)**

**Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady:**

Olimpiya oýunlarynda we Dünýä çempionatynda 1-6 orunlary eýelemeli.

**Türkmenistanyň sport ussady:**

Halkara ýaryşlarynda ýa-da Türkmenistanyň ýaryşlarynda iki ýylyň dowamynda yzygiderli “Türkmenistanyň sport ussady“ adynyň talaplaryny tassyklamaly.

**Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär:**

Halkara ýaryşlarynda ýa-da Türkmenistanyň ýaryşlarynda iki ýylyň dowamynda yzygiderli “Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär“ razrýadynyň talaplaryny tassyklamaly.

**I razrýad:**

Küreklemek üçin I sport razrýadynyň talaplaryny tassyklap, ugrukdyryjynyň (rulewoý) 3 (üç) ýyllyk tejribesi bilen, Türkmenistanyň ýaryşlarynyň pesinden 8 (sekizisine) gatnaşmaly.

**II razrýad:**

Küreklemek üçin tassyklanylan II sport razrýadyny tassyklap, ugrukdyryjynyň (rulewoý) 2 (iki) ýyllyk tejribesi bilen, Türkmenistanyň yaryşlarynyň pesinden 6 (altysyna) gatnaşmaly.

**III razrýad:**

Küreklemek üçin tassyklanylan III sport derejesini tassyklap, ugrukdyryjynyň (rulewoý) 1 (bir) ýyllyk tejribesi bilen, Türkmenistanuň yaryşlarynyň pesinden 3 (üçisine) gatnaşmaly.

**I ýetginjekler razrýady:**

Welaýatlaryñ, etraplaryň ýa-da Aşgabat şäheriniñ birinjiliginde 2 gezek I orny eýelemeli.

**II ýetginjekler razrýady:**

Welaýatlaryñ, etraplaryň ýa-da Aşgabat şäheriniñ sport mekdepleriniň resmi ýaryşlarynda 2 gezek I orny eýelemeli.

**III ýetginjekler razrýady:**

Welaýatlaryñ, etraplaryň ýa-da Aşgabat şäheriniñ sport mekdepleriniň resmi ýaryşlarynda 2 gezek II orny eýelemeli.

**At çapyşyklarynda, marafon ýaryşlarynda, gözellik bäsleşiklerinde, atçylyk sport ýaryşlarynda eminlik edýän eminlere dereje bermek hem-de synag at çapyşyklarynda at taýýarlaýan seýislere we çapyksuwarlara dereje bermek hakynda DÜZGÜNNAMA**

## I.Umumy düzgünler

**1.** Şu düzgünnama Türkmenistanyň aýlawlarynda ahalteke we ýomut atlarynyň çapyşyk synaglary geçirilende seýislere, çapyksuwarlara we eminlere derejeler bermek üçin işlenilip taýýarlanyldy.Taýýarlanylan düzgünnama halkara kadalaryna ters gelmeýär.

**2.** Türkmenistanyň aýlowlarynda çapyşyk synaglaryna hem-de tohum atlarda päsgelçilikli atçapyşyklaryna gatnaşýan seýislere we çapyksuwarlara aşakdaky tertipde derejeler berilýär:

III-derejeli seýis
II-derejeli seýis
I-derejeli seýis
Ussat seýis
III-derejeli çapyksuwar
II-derejeli çapyksuwar
I-derejeli çapyksuwar
Ussat çapyksuwar

**3**. Tohum atlaryň çapyşyk synaglaryny geçirýän eminlere aşakdaky tertipde derejeler berilýär:

-Tohum atlaryň çapyşyk synaglaryny geçirýän II-derjeli emin
-Tohum atlaryň çapyşyk synaglaryny geçirýän I-derjeli emin
-Milli derejeli emin.

**4.** Seýis, çapyksuwar hem-de atoglana III-dereje berilende atçylyk pudagynda azyndan bäş ýyl iş tejribesi bolan hem-de ýöriteleşdirilen atçylyk mekdebini tamamlandygy barada diplomy ýa-da şahadatnamasy bolmadyr.

**5.** Tohum atlary seýislemek we çapyşyk synaglaryna täze başlaýan seýisler, çapyksuwarlar we atoglanlaryň hökmany:

- ýöriteleşdirilen atçylyk mekdebini tamamlandygy barada diplomy ýa-da atşynas hünärmen mekdebini tamamlandygy barada şahadatnamasy bolmaly.
- çapyksuwarlar we atoglanlaryň iki ýyldan az bolamadyk at çapmaklyk tejribesi bolmaly.

-Türkmenistanyň aýlawlarynda hereket edýän synag at çapyşyk kadalaryny we tehniki howupsyzlyk düzgünini bilmelidir
-Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy, saglygy baradaky kepilnamasy hökmany bolmalydyr.

## II. Dereje bermekligiň talaplary

**6. Seýislere dereje bermek**:

-III-nji derejeli seýis derejesini bermek üçin azyndan 3 ýyl seýisçilik tejribesi bolup, at çapyşyklarynda 100 gezek birinji ýeri eýeläp, şolardan bäşisi däp bolup galan baýraklar

bolmaly hem-de ýöriteleşdirilen atçylyk mekdebini tamamlandygy barada diplomy ýa-da sertifikaty bolmalydyr ýa-da atşynas hünärmen mekdebini tamamlandygy barada şahadatnamasy bolmaly.
-Ussat çapyksuwar derejeli çapyksuwarlar seýisçilik işi bilen meşgullansalar olara III-derejeli seýis diýen dereje berilýär;
- II-nji derejeli seýis derejesini bermek üçin azyndan 5 ýyl seýisçilik tejribesi bolup, at çapyşyklarynda 150 gezek birinji ýeri eýeläp şolardan onusy däp bolup galan baýraklar bolmaly, hem-de ýöriteleşdirilen atçylyk mekdebini tamamlandygy barada diplomy ýa-da ýa-da atşynas hünärmen mekdebini tamamlandygy barada şahadatnamasy bolmaly.
- I-nji derejeli seýis derejesini bermek üçin azyndan 7-10 ýyl seýisçilik tejribesi bolup, at çapyşyklarynda 250 gezek birinji ýeri eýeläp şolardan ýigrimisi däp bolup galan baýraklar bolmaly, hem-de ýöriteleşdirilen atçylyk mekdebini tamamlandygy barada diplomy ýa-da atşynas hünärmen mekdebini tamamlandygy barada şahadatnamasy bolmaly.
-Ussat seýis derejesini bermek üçin 10 ýyl seýisçilik tejribesi bolup at çapyşyklarynda 350 birinji ýeri eýeläp şolardan 30-si däp bolup galan baýraklar bolmaly ýa-da Halkara at çapyşyklaryna gatnaşyp baýrakly orunlary eýelemeli, hem-de ýöriteleşdirilen atçylyk mekdebini tamamlandygy barada diplomy ýa-da atşynas hünärmen mekdebini tamamlandygy barada şahadatnamasy bolmaly.

**7. Çapyksuwarlara dereje bermek**:

-III-derejeli çapyksuwar derejesini bermek üçin azyndan 3 ýyl at çapyp 50 birinji ýeri eýeläp şolardan 5-si däp bolup galan baýraklar bolmaly hem-de ýöriteleşdirilen atçylyk mekdebini tamamlandygy barada diplomy ýa-da atşynas hünärmen mekdebini tamamlandygy barada şahadatnamasy bolmaly.
-II-derejeli çapyksuwar derejesini bermek üçin azyndan 5 ýyl at çapmak tejribesi bolup 150 gezek birinji ýeri eýeläp şolardan 10-sy däp bolup galan baýraklar bolmaly; hem-de ýöriteleşdirilen atçylyk mekdebini tamamlandygy barada diplomy ýa-da atşynas hünärmen mekdebini tamamlandygy barada şahadatnamasy bolmaly.
-I-derejeli çapyksuwar derejesini bermek üçin 5 ýyl at çapmak tejribesi bolup 200 gezek birinji ýeri eýeläp şolardan 15-si däp bolup galan baýraklar bolmaly hem-de ýöriteleşdirilen atçylyk mekdebini tamamlandygy barada diplomy ýa-da atşynas hünärmen mekdebini tamamlandygy barada şahadatnamasy bolmaly.
-Ussat çapyksuwar derejesini bermek üçin azyndan 10 ýyl at çapmak tejribesi bolup 350 gezek birinji ýeri eýeläp şolardan 20-si däp bolup galan baýraklar bolmaly ýa-da halkara at çapyşyklaryna gatnaşyp baýrakly orunlary eýelän bolmaly;

**8. Eminlere dereje bermek;**

III-derejeli emin derejesini bermek üçin azyndan 3 ýyl Türkmenistanyň aýlawlarynda geçirilýän at çapyşyklarynda, gözellik bäsleşiklerinde hem-de uzak aralara geçirilýän marafon at çapyşyklarynda eminlik eden ýokary bilimli hünärmen bolmaly;

II-derejeli emin derejesini bermek üçin azyndan 5 ýyl Türkmenistanyň aýlawlarynda geçirilýän at çaýşyklarynda, gözellik bäsleşiklerinde hem-de uzak aralyga marafon at çapyşyklarynda eminlik eden ýokary bilimli hünärmen bolmaly;

- I-derejeli emin derejesini bermek üçin 5 ýyl we ondan köp wagt Türkmenistanyň aýlawlarynda geçirilýän at çapyşyklarynda, gözellik bäsleşiklerinde, atçylyk sport

ýaryşlarynda (konkur we päsgelçilikden bökmek) we uzak aralyga marafon at çapyşyklarynda eminlik eden ýokary bilimli hünärmen bolmaly;

- Milli derejeli emin derejesini bermek üçin azyndan 10 ýyl Türkmenistanyň aýlawlarynda geçirilýän at çapyşyklarynda gözellik bäsleşiklerinde, atly-sport ýaryşlarynda we uzak aralyga geçirilýän marafon at çapyşyklarynda eminlik eden ýokary bilimli hünärmen bolmaly.

## III. Dereje bermeginiň tertibi

**9.** Tohum atlarynyň çapyşyklarynda, seýislere, çapyksuwarlara we eminlere dereje bermek „Türkmen atlary“ döwlet birleşigi tarapyndan döredilen hünär derejesini ýokarlandyrmak baradaky ýorite toparyň tarapyndan berilýär.

**10.** Dereje bermeklik aýlawlaryň administrasiýasy (direktor, önümçilik bölüminiň başlygy, baş emin), atçylyk hojalyklarda (ýolbaşçysy, baş zootehnik) hem-de dereje beriljegiň öz arzasy boýunça berilýär.

Dereje berilmegi üçin gerekli resminamalar: bilimi baradaky şahadatnama, terjimehal, alan baýraklary baradaky we däp bolup galan baýraklar alandygy baradaky kepilnama, 3X4 sm. 6-sany fotosurat, resminamalar “Türkmen atlary” döwlet birleşigine iberilýär.

**11.** Degişli dereje berilenlere bellenen tertipdäki şahadatnama berilýär we türkmenistanyň hemme aýlawlarynda alan hünäri boýunça işlemäge ygtyýar berilýär.

**12.**Dereje bermek barada toparyň çykaran beýany hemişelik saklanmalydyr.

## BADMINTON

### Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady:

- Olimpiýa oýunlarynda, Dünýä çempionatlarynda, Dünýä Kubogynda Türkmenistan Milli ýygyndy toparynyň düzüminde I-VIII orunlary eýelän;
- Aziýa çempionatlarynda ýekelikde Türkmenistan Milli ýygyndy toparynyň düzüminde I-V orunlary eýelän;
- Olimpiýa oýunlarynda, Dünýä çempionatlarynda, Dünýä Kubogynda ýa-da Aziýa çempionatynda jübüt we garyşyk ýagdaýlarda I-V orunlary eýelän türgenlere dakylýar.

### Türkmenistanyň sport ussady:

- Olimpiýa oýunlarynda, Dünýä çempionatynda, Dünýä Kubogynda Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde IX-X orunlary eýelän;
- Aziýa çempionatlarynda Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň düzüminde ýekelikde I-V orunlary eýelän;
- Olimpiýa oýunlarynda, Dünýä we Aziýa çempionatynda jübüt we garyşyk ýagdaýlarda V-VII orunlary eýelän;
- Halkara badminton federasiýasynyň Grand-pri ýaryşlarynda I-V orunlary eýelän;
- Ýetginjekleriň arasyndaky Dünýä we Aziýa çempionatlarynda ýekelikde V-VIII orunlary we jübüt ýa-da garyşyk ýagdaýlarda II-III orunlary eýelän;
- 6 sany daşary ýurt toparlarynyň gatnaşmagynda halkara ýaryşlarynda ýekelikde I-III ýa-da jübüt we garyşyk ýagdaýlarda I-II orunlary eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda ýekelikde 2 gezek I orny eýelän türgenlere dakylýar.

### Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär:

- 6 sany daşary ýurt toparlarynyň gatnaşmagynda halkara ýaryşlarynda ýekelikde I-IV orunlary ýa-da jübüt we garyşyk ýagdaýlarda II-III orunlary;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda ýekelikde 2 gezek II orny ýa-da jübüt we garyşyk ýagdaýlarda 2 gezek I orny eýelän türgenlere berilýär.
- welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň kubogynda ýekelikde 2 gezek I orny ýa-da jübüt we garyşyk ýagdaýlarda 2 gezek I orny eýelän türgenlere berilýär.

### I razrýad:

- 6 sany daşary ýurt türgenleriň gatnaşmagynda halkara ýaryşlarynda ýekelikde V-VII orunlary, jübüt ýa-da garyşyk ýagdaýlarda IV-V orunlary eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda ýekelikde 2 gezek III oruny, jübüt ýa-da garyşyk ýagdaýlarda 2 gezek III orny eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda oglanlaryň we gyzlaryň arasynda ýekelikde III orny eýelän türgenlere berilýär.
- welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň kubogynda ýekelikde 2 gezek II orny ýa-da jübüt we garyşyk ýagdaýlarda 2 gezek II orny eýelän türgenlere berilýär.

**II razrýad:**

- 1 ýylyň dowamynda II-nji razrýadly türgenlerden 4 gezek, hem-de III-nji razrýadly türgenlerden 12 gezek ýeňiş gazanan türgenlere berilýär.

**III razrýad:**

- Ýaryşy tamamlan türgenleriň 8-siniň gatnaşmagynda, aýlawly ulgam boýunça geçirilýän ýaryşlarda I orny eýelän;
- 1 ýylyň dowamynda III-nji razrýadly türgenleriň 8 gezek, hem-de I we II-nji ýetginjekler razrýadly türgenlerden 10 gezek (azyndan 5 ýeňiş) ýeňiş gazanan türgenlere berilýär.

**I ýetginjekler razrýady:**

- Welaýatlaryň, etraplaryň ýa-da Aşgabat şäheriniň birinjiliginde 2 gezek I orny eýelän türgenlere berilýär.

**II ýetginjekler razrýady:**

- Welaýatlaryň, etraplaryň ýa-da Aşgabat şäheriniň sport mekdepleriniň resmi ýaryşlarynda 2 gezek I orny eýelän türgenlere berilýär.

**III ýetginjekler razrýady:**

- Welaýatlaryň, etraplaryň ýa-da Aşgabat şäheriniň sport mekdepleriniň resmi ýaryşlarynda 2 gezek II orny eýelän türgenlere berilýär.

# B A S K E T B O L

## Türkmenistanyň Halkara derejeli sport ussady

- Olimpiýa oýunlarynda ýa-da Dünýä çempionatynda, kubogynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde I-VIII orunlary eýelän;
- Aziýa çempionatlarynda, Aziýanyň kubogy ugrundaky ýaryşlarda (klub toparlaryň arasynda) Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň esasy düzüminde I-III orunlary eýelän;
- Bütündünýa uniwersiadasynda I-II orunlary eýelän türgenlere dakylýar.

## Türkmenistanyň sport ussady

- Ýaş aýratynlyklary boýunça Dünýa çempionatynda, kubogynda ýa-da Aziýa çempionatynda, kubogynda I-V orunlary eýelän;
- U19 ýetginjekleriň arasynda Dünýa çempionatynda, kubogynda 1-4 orun;
- U17 ýetginjekleriň arasynda Dünýa çempionatynda, kubogynda 1-3 orun;
- U18 ýetginjekleriň arasynda Aziýa çempionatynda, kubogynda (gyzlar üçin A diwizionynda) 1-2 orun;
- Bütündünýa uniwersiadasynda III- IV orunlary eýelän;
- 12-den az bolmadyk daşary ýurt toparlarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň esasy düzüminde ýylyň dowamynda halkara ýaryşlarynda 2 gezek I orny eýelän;
- Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde Merkezi Aziýa oýunlarynda 2 gezek I orny eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda (6 topardan az bolmadyk ýagdaýynda) erkekleriň we aýal-gyzlaryň arasynda Türkmenistanyň çempionatynda, birinjiliginde ýa-da kubogynda 2 gezek I orny eýelän;
- Erkekleriň we aýal-gyzlaryň ýokary ligasynyň toparlarynyň arasynda 2 gezek I orny eýelän türgenlre dakylýar.

## Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär

- Bütündünýa uniwersiadasynda V- VII orunlary eýelän;
- U19 ýetginjekleriň arasynda Dünýa çempionatynda, kubogynda 5-8 orun;
- U17 ýetginjekleriň arasynda Dünýa çempionatynda, kubogynda 4-8 orun;
- U18 ýetginjekleriň arasynda Aziýa çempionatynda, kubogynda (gyzlar üçin A diwizionynda) 3-4 orun;
- U16 ýetginjekleriň arasynda Aziýa çempionatynda, kubogynda (gyzlar üçin A diwizionynda) 1-3 orun;

- 12-den az bolmadyk daşary ýurt toparlarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň esasy düzüminde ýylyň dowamynda halkara ýaryşlarynda 2 gezek II- orny eýelän;
- Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde Merkezi Aziýa oýunlarynda 2 gezek II orny eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda (8 topardan az bolmadyk ýagdaýynda) erkekleriň we aýal-gyzlaryň arasynda Türkmenistanyň çempionatynda, birinjiliginde ýa-da kubogynda 2 gezek I orny eýelän;
- 8-den az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda erkekleriň we aýal-gyzlaryň ýokary ligasynyň toparlarynyň arasynda 2 gezek II orny eýelän türgenlere berilýär.

## I-nji razrýad

- U18, U17 ýetginjekleriň arasynda Türkmenistanyň çempionatlarynda ýa-da birinjiliklerinde 2 gezek 1-2 orun;
- U16, U15 ýetginjekleriň arasynda Türkmenistanyň çempionatynda ýa-da birinjiliginde 2 gezek 1 orun;
- 6-dan az bolmadyk daşary ýurt toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde ýaş aýratynlyklary boýunça halkara ýaryşylarynda 2 gezek III orny eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda 8-den az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda, kubogynda ýokary liganyň toparlarynyň arasynda 2 gezek III orny eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda ýaş aýratynlyklary boýunça Türkmenistanyň birinjiliginde 2 gezek I-II orunlary eýelän;
- 10-dan az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň talyplar ligasynda toparyň düzüminde 2 gezek I orny eýelän;
- Ýaş aýratynlyklary boýunça 6-dan az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň birinjiliginde 2 gezek I-II orunlary eýelän türgenlere berilýär.

## II razrýad

- U18, U17 ýetginjekleriň arasynda Türkmenistanyň çempionatlarynda ýa-da birinjiliklerinde 3-4 orun;
- - U16, U15 ýetginjekleriň arasynda Türkmenistanyň çempionatlarynda ýa-da birinjiliklerinde 2-3 orun;
- U14, U13 ýetginjekleriň arasynda Türkmenistanyň çempionatynda ýa-da birinjiliginde 1-2 orun;

- 6-dan az bolmadyk daşary ýurt toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde ýaş aýratynlyklary boýunça halkara ýaryşylarynda III-IV orunlary eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda ýaş aýratynlyklary boýunça Türkmenistanyň çempionatynda, kubogynda ýokary liganyň toparlarynyň arasynda 2 gezek III-IV orny eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda ýaş aýratynlyklary boýunça Türkmenistanyň birinjiliginde 2 gezek III-IV orunlary eýelän;
- 10-dan az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň talyplar ligasynda toparyň düzüminde 2 gezek II-III orny eýelän;
- Ýaş aýratynlyklary boýunça 6-dan az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň birinjiliginde 2 gezek III-IV orunlary eýelän türgenlere berilýär.

**III razrýad**

- U14, U13 ýetginjekleriň arasynda Türkmenistanyň çempionatynda ýa-da birinjiliginde 3-4 orun;
- 4-den az bolmadyk daşary ýurt toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde ýaş aýratynlyklary boýunça halkara ýaryşylarynda I topardan utuk gazanan;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda ýaş aýratynlyklary boýunça Türkmenistanyň çempionatynda, kubogynda ýokary liganyň toparlarynyň arasynda III-IV orunlary eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda ýaş aýratynlyklary boýunça Türkmenistanyň birinjiliginde III-IV orunlary eýelän;
- 10-dan az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň talyplar ligasynda toparyň düzüminde 2 gezek II-III orny eýelän;
- Ýaş aýratynlyklary boýunça 6-dan az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň birinjiliginde 2 gezek IV-V orunlary eýelän türgenlere berilýär.

**I ýetginjekler razrýad**

- Ýaş aýratynlyklary boýunça 6-dan az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň birinjiliginde III-IV orunlary eýelän;
- 4-den az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Aşgabat şäheriniň we welaýatlarynyň birinjiliginde 12 ýaşa çenli oglan-gyzlaryň arasynda I-II orunlary eýelän;
- 4-den az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň sport mekdepleriniň birinjiliginde 12 ýaşa çenli oglan-gyzlaryň arasynda toparyň düzüminde I orny eýelän;
- Ýylyň dowamynda toparyň düzüminde geçirilen duşuşyklaryň sany 15-den az bomadyk ýaryşlara gatnaşan türgenlere berilýär.

**II-III ýetginjekler razrýady**

- Ýaş aýratynlyklary boýunça 6-dan az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň birinjiliginde III-IV orunlary eýelän;
- 4-den az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň sport mekdepleriniň birinjiliginde 12 ýaşa çenli oglan-gyzlaryň arasynda toparyň düzüminde II-III orunlary eýelän;
- Ýylyň dowamynda toparyň düzüminde geçirilen duşuşyklaryň sany 10-dan az bolmadyk ýaryşlara gatnaşan türgenlere berilýär.

## B A S K E T B O L 3X3

### Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady

- Olimpiýa oýunlarynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde I-VIII orunlary eýelän;
- Dünýä çempionatynda, kubogynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde I-II orunlary eýelän;
- Aziýa çempionatlarynda, Aziýanyň kubogy ugrundaky ýaryşlarda (klub toparlaryň arasynda) Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň esasy düzüminde I orny eýelän;
- Türkmenistanyň ýygyndy talyplar toparynyň esasy düzüminde Bütindünýä talyplaryň oýunlarynda (Uniwersiýadasynda) I-II orunlary;
- Erkekleriň klub toparlarynyň arasynda Dünýa tury (World tour Masters) I orny eýelän;
- Aýal-gyzlaryň toparlarynyň arasynda Dünýa Seriýasy (Women Series) I orny eýelän;
- U23 Dünýa çempionatynda, kubogynda 1-2 orunlary;
- U23 Milletler ligasynda (U23 Nations League) I orny eýelän türgenlere dakylýar.

### Türkmenistanyň sport ussady

- Dünýa çempionatynda, kubogynda II-III orunlary eýelän;
- Aziýa çempionatlarynda, Aziýanyň kubogy ugrundaky ýaryşlarda (klub toparlaryň arasynda) Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň esasy düzüminde II-III orunlary eýelän;
- 6-dan az bolmadyk daşary ýurt toparlarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň esasy düzüminde ýylyň dowamynda 2 (iki) sany halkara ýaryşlarynda I orny eýelän;
- Erkekleriň klub toparlarynyň arasynda Dünýa tury (World tour Masters) II orny eýelän;
- Aýal-gyzlaryň Dünýa Seriýasy (Women Series) II orny eýelän;
- Bütindünýa uniwersiadasynda I-II orunlary eýelän;
- U23 Dünýa çempionatynda, kubogynda 3-4 orunlary;
- U23 Milletler ligasynda (U23 Nations League) II orny eýelän;
- Ýetginjekleriň arasyndaky Olimpiýa oýunlary I-III orunlary eýelän;
- Ýetginjekleriň arasyndaky Dünýa çempionatynda, kubogynda I-II orunlary eýelän;
- Ýetginjekleriň arasyndaky Aziýa çempionatynda, kubogynda I-II orunlary eýelän;
- U18 ýetginjekleriň arasynda Dünýa çempionatynda, kubogynda 1-3 orunlary;
- U17 ýetginjekleriň arasynda Aziýa çempionatynda, kubogynda 1-2 orunlary;

- welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda ýa-da kubogynda ýokary liganyň toparlarynyň arasynda 2 gezek I orny eýelän;
- Sport çäreleriň ýyllyk meýilnamasyna girizilen beýleki resmi halkara sport ýaryşlary 2 gezek I orny eýelän türgenlere dakylýar.

## Türkmenistanyň sport ussatlygyna dalaşgär

- Aziýa çempionatlarynda, Aziýanyň kubogy ugrundaky ýaryşlarda (klub toparlaryň arasynda) Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň esasy düzüminde III-IV orunlary eýelän;
- 12-den az bolmadyk daşary ýurt toparlarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň esasy düzüminde ýylyň dowamynda 2 (iki) sany halkara ýaryşlarynda II-III orunlary eýelän;
- Erkekleriň klub toparlarynyň arasynda Dünýa tury (World tour Masters) III-IV orunlary eýelän;
- Aýal-gyzlaryň Dünýa Seriýasy (Women Series) III-IV orunlary eýelän;
- Bütindünýa uniwersiadasynda III-IV orunlary eýelän;
- U23 Dünýa çempionatynda, kubogynda 5-8 orunlary;
- U23 Milletler ligasynda (U23 Nations League) III orny eýelän; U18 ýetginjekleriň arasynda Dünýa çempionatynda, kubogynda 4-8 orunlary;
- U17 ýetginjekleriň arasynda Aziýa çempionatynda, kubogynda 3-8 orunlary;
- Ýetginjekleriň arasyndaky Dünýa çempionatynda, kubogynda III-IV orunlary eýelän;
- Ýetginjekleriň arasyndaky Aziýa çempionatynda, kubogynda III-IV orunlary eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda ýa-da kubogynda ýokary liganyň toparlarynyň arasynda 2 gezek II orny eýelän;
- Sport çäreleriň ýyllyk meýilnamasyna girizilen beýleki resmi halkara sport ýaryşlary 2 gezek II-III orunlary eýelän türgenlere berilýär.

## I-nji razrýad

- 6-dan az bolmadyk daşary ýurt toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde ýaş aýratynlyklary boýunça halkara ýaryşylarynda I-II orny eýelän;
- U18, U17 ýetginjekleriň arasynda Türkmenistanyň çempionatlarynda ýa-da birinjiliklerinde 1-2 orunlary;
- U16, U15 ýetginjekleriň arasynda Türkmenistanyň çempionatynda ýa-da birinjiliginde 1 orun;

- welaýatlaryň gatnaşmagynda 8-den az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň çempionatynda, kubogynda ýokary liganyň toparlarynyň arasynda 2 gezek III orny eýelän;
- welaýatlaryň gatnaşmagynda ýaş aýratynlyklary boýunça Türkmenistanyň birinjiliginde 2 gezek I-II orunlary eýelän;
- 10-dan az bolmadyk toparlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanyň talyplar ligasynda toparyň düzüminde 2 gezek I orny eýelän;
